Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy 2026-njy ýylyň 24-nji dekabrynda sanly ulgam arkaly geçiriljek «Atçylyk pudagynda ylmy-barlaglar we innowasiýalar: halkara tejribe we geljekki ösüş ugurlary» atly halkara ylmy-amaly maslahata gatnaşmaga çagyrýar.

Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň hem-de ylmy-barlag merkezleriniň professor-mugallymlaryny, alymlaryny, ylmy işgärlerini, aspirantlaryny, doktorantlaryny, atçylyk we weterinariýa ugurlarynyň hünärmenlerini 2026-njy ýylyň 24-nji dekabrynda «Atçylyk pudagynda ylmy-barlaglar we innowasiýalar: halkara tejribe we geljekki ösüş ugurlary» atly sanly ulgam arkaly (onlaýn) geçirilýän halkara ylmy-amaly maslahata gatnaşmaga çagyrýar.

Maslahatyň maksady – atçylyk pudagynda ylmy-barlaglary we innowasiýalary ösdürmek, genetika, seleksiýa, atlaryň saglygy, iýmitlendiriş we atly sport boýunça öňdebaryjy tejribeleri öwrenmek, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, atçylyk diplomatiýasyny we halkara ylmy hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak hem-de pudagyň geljekki ösüş ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak.

Maslahatyň geçiriljek senesi: 2026-njy ýylyň 24-nji dekabry.

Geçiriljek görnüşi: sanly ulgam arkaly (onlaýn).

Maslahatyň resmi iş dilleri: türkmen, iňlis we rus dilleri.

Maslahatyň işi umumy mejlisde we üç bölümde alnyp barlar:

Maslahatyň bölümleri:

I bölüm. Atçylykda genetika, seleksiýa we tohumçylyk işleriniň häzirki zaman ylmy esaslary.

II bölüm. Atlaryň saglygyny goramakda, iýmitlendirmekde we atly sportda innowasion çemeleşmeler.

III bölüm. Atçylyk pudagynda sanly tehnologiýalar, atçylyk diplomatiýasy we halkara hyzmatdaşlyk.

Maslahata gatnaşmagyň şertleri:

Maslahata sanly ulgam arkaly (onlaýn) çykyş etmek ýa-da gaýybana gatnaşmak mümkindir.

1. Maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänleriň her biri diňe bir nutuk hödürläp biler. Bir işiň awtorlarynyň sany ikiden köp bolmaly däldir. Iş özbaşdak ylmy-barlag häsiýetine eýe bolmaly we mazmuny adyna laýyk gelmelidir.

2. Gatnaşmak üçin nutugyň gysgaça beýany (tezisi), beýleki iki iş dilindäki annotasiýalar we hasaba alyş maglumatlary taýýarlanylmalydyr. Gysgaça beýan maslahatyň iş dilleriniň birinde, annotasiýalar bolsa beýleki iki dilde bolmalydyr.

3. Daşary ýurtly gatnaşyjylaryň nutuklarynyň annotasiýalarynyň türkmen we rus dillerine terjimesi Guramaçylyk topary tarapyndan ýerine ýetiriler. Ýerli gatnaşyjylar annotasiýalarynyň iňlis we rus dillerine terjimelerini degişli kafedralarda ýa-da terjime edaralarynda tassyklatmalydyrlar.

4. Daşary ýurtly gatnaşyjylar maslahatda etjek çykyşlarynyň tekstini hem taýýarlap, Guramaçylyk toparyna ibermelidirler.

5. Ýerli gatnaşyjylaryň ylmy işiniň gysgaça beýanyna we annotasiýalaryna awtoryň işleýän edarasynda seredilip, olar Guramaçylyk toparyna iberilmelidir. Hata materiallaryň elektron görnüşleri goşulmalydyr.

6. Iberilen resminamalaryň mazmuny üçin awtorlar şahsy jogapkärçilik çekýärler.

Gatnaşmak üçin hasaba alyş maglumatlary:

1	Familiýasy	
2	Ady	
3	Atasynyň ady	
4	Wezipesi	
5	Alymlyk derejesi we ady	
6	Işleýän ýeriniň doly ady	
7	Işleýän ýeriniň salgysy (poçta indeksini hem görkezmeli)	
8	Iş telefony, e-poçta salgysy	
9	Nutugyň ady	
10	Nutugyň tematiki ugry (bölümi)	
11	Nutugyň taýýarlanylan dili	
12	Maslahata gatnaşmagyň görnüşi	

Hasaba alyş görnüşi Times New Roman şriftinde, 12 pt ölçegde doldurylmalydyr.

Nutugyň gysgaça beýanyna we annotasiýalara bildirilýän talaplar:

1. Nutugyň gysgaça beýanynyň möçberi A4 (210 × 297 mm) formatda 1,5 sahypadan geçmeli däl, annotasiýalaryň her biriniň möçberi 0,5 sahypa çenli bolmalydyr.

2. Sahypanyň gyralaryndaky boşluklar: ýokardan we aşakdan – 2,0 sm, çepden – 2,5 sm, sagdan – 1,5 sm; sahypanyň ýerleşişi – dikligine; şrift – Times New Roman, 14 pt; setir aralygy – 1.

3. Ylmy işiň aýratynlyklaryna baglylykda şekilleri, formulalary we tablisalary ulanmaga rugsat berilýär. Olar bellenen ölçeglerden çykmaly däldir, ulanylýan şrift 14 pt-den kiçi bolmaly däldir. Umumy göwrüm 1,5 sahypadan geçmeli däldir.

4. Elektron görnüşdäki materiallar Microsoft Word formatynda (*.doc ýa-da *.docx) kabul edilýär.

5. Nutugyň gysgaça beýany we annotasiýalar bir faýlda ýerleşdirilmelidir. Awtoryň ady we familiýasy (ýurdy ýaý içinde görkezilip) sahypanyň sag tarapynda, 14 pt ölçegli goýy şriftde ýazylmalydyr. Iki awtor bolsa, ilki çykyş edýän awtor görkezilýär.

6. Nutugyň, gysgaça beýanyň we annotasiýalaryň atlary baş harplar bilen, 16 pt ölçegli goýy şriftde, sahypanyň ortasynda ýazylmalydyr. Esasy tekstden öň bir boş setir goýulmalydyr.

7. Tekst setiriň ini boýunça deňlenilmeli, formulalar degişli formula redaktorlary arkaly ýazylmalydyr. Sahypalar belgilenilmeýär.

8. Iş tabşyrylandan soň hödürlenýän düzedişler we goşundylar kabul edilmeýär. Guramaçylyk toparynyň karary bilen ylmy iş maslahata kabul edilmän bilner. Tabşyrylan resminamalar yzyna gaýtarylmaýar.

9. Talaplara laýyk gelmeýän ýa-da bellenen möhletden soň tabşyrylan materiallara garalmaýar.

Maglumatlary ibermegiň tertibi:

Maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänler çykyşlarynyň gysgaça beýanyny (tezislerini), annotasiýalaryny we hasaba alyş maglumatlaryny 2026-njy ýylyň 19-njy dekabryna çenli haa.ylym@gmail.com elektron poçta salgysyna ibermelidirler.

Nutugyň gysgaça beýany we annotasiýalar bir faýlda ýerleşdirilýär. Faýlyň adynda awtoryň familiýasy, ady we «tez» belgisi görkezilýär (mysal: «Ataýew N. tez»). Çykyşyň teksti aýratyn faýl görnüşinde iberilýär.

Ähli awtorlaryň hasaba alyş maglumatlary bir faýlda ýerleşdirilýär: ilki çykyş edýän awtoryň, soňra awtordaşynyň maglumatlary berilýär. Faýlyň adynda awtoryň familiýasy, ady we «reg» belgisi görkezilýär (mysal: «Ataýew N. reg»). Faýllar arhiwlenmedik görnüşde iberilmelidir.

Maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýanlarynyň (tezisleriniň) elektron ýygyndysyny taýýarlamak meýilleşdirilýär.

Goşmaça maglumatlar akademiýanyň resmi web-saýtynda ýerleşdiriler.

Habarlaşmak üçin: +993 12 57-24-97

Elektron poçta salgysy: haa.ylym@gmail.com

Halkara ylmy-amaly maslahatyň Guramaçylyk topary